**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**

**— GARAŞSYZ, HEMIŞELIK BITARAP TÜRKMENISTAN BU GÜN BEÝIK TARYHY DÖWRE GADAM BASYP, GURMAK WE DÖRETMEK ÝOLY BILEN ÖŇE BARÝAR.**

XXI ASYR BILIM, YLYM ASYRYDYR

# MUGALLYMLAR GAZETI

Gazet 1952-nji ýylyň 11-nji ýanwaryndan bäri çykýar.

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

2025-nji ýylyň 27-nji awgusty

№ 69 (10406)

ÇARŞENBE



# ÄHLUMUMY ABADANÇYLYGYŇ BÄHBIDINE GÖNÜKDIRILEN BEÝIK IŞLER

***Geçen hepde möhüm ähmiýetli wakalara baý bolup, Garaşsyz Türkmenistanyň Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanyp, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän döredijilikli daşary syýasat ugruna yzygiderli eýerýändigini aýdyň görkezdi. Watanymyz oňyn Bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgelerine ygrarlydygyny görkezmek bilen, umumy abadançylygyň maksatlaryna laýyk gelýän netijeli hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine uly goşant goşýar.***

19-njy awgustda paýtagtymyzdaky Maslahat köşgünde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň hem-de Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň ýanyndaky Ýaşulular geňeşiniň nobatdaky maslahaty geçirildi. Onuň gün tertibine Ýaşulular geňeşiniň agzalarynyň ýerlerde alyp barýan işleri, öňde durýan wezipeler baradaky hem-de käbir guramaçylyk meseleleri girizildi. Maslahatyň dowamynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň hem-de Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň ýanyndaky Ýaşulular geňeşine täze agzalary kabul etmegiň meselesi ara alnyp maslahatlaşyldy.

Bellenilişi ýaly, ýerli halk maslahatlaryndan, jemgyýetçilik guramalaryndan, ýaşulularyň wekillerinden teklipler gelip gowuşdy. Il içinde uly abraýdan peýdalanýan, ýokary şahsy häsiýetlere, guramaçylyk we beýleki ukyp-başarnyklara eýe bolan ýaşululary dalaşgärlige hödürlemek boýunça degişli işler alnyp baryldy. Şunlukda, Ýaşulular geňeşiniň agzalygyna hödürlenilen ýaşulular maslahata gatnaşyjylar tarapyndan biragyzdan saýlanyldy.

20-nji awgustda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Halk Maslahatynyň hem-de Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň ýanyndaky Ýaşulular geňeşiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda geňeşiň guramaçylyk meselelerine garaldy we bu düzümiň ýerlerde alyp barýan işleri ara alnyp maslahatlaşyldy, öňde durýan wezipeler kesgitlenildi. Mejlisiň dowamynda Milli Liderimiz kabul edilen çözgütlere laýyklykda, «Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Ýaşulular geňeşiniň düzümini tassyklamak hakynda» hem-de «Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň ýanyndaky Ýaşulular geňeşiniň düzümini tassyklamak hakynda» Kararlara gol çekdi.

20-nji awgustda türkmen halkynyň Milli Lideri, Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlyklyk etmeginde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň mejlisi geçirildi. Mejlisiň dowamynda 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi we Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli çäreleri ýokary derejede geçirmek bilen bagly meseleleriň giň toplumy ara alnyp maslahatlaşyldy, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini çagyrmak hem-de ony guramaçylykly geçirmek hakynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň Kararlaryna gol çekildi.

22-nji awgustda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň we ýokary derejeli Türkmenistan — Azerbaýjan — Özbegistan üçtaraplaýyn duşuşygyna gatnaşmak üçin ýurdumyza iş sapary bilen gelen Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti Ilham Aliýewiň arasynda gepleşikler geçirildi. Taraplar Türkmenistanyň we Azerbaýjanyň arasynda syýasy, ykdysady, medeni ulgamlarda, beýleki durmuş ugurlarynda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmagyň meselelerine ünsi çekdiler.

«Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň we Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň arasynda duşuşyk geçirildi. Gahryman Arkadagymyzyň we Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň arasynda ikiçäk görnüşde geçirilen gepleşikleriň barşynda iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklaryň söwda-ykdysady, ýangyç-energetika, medeni-ynsanperwer ulgamlarda netijeliligi bilen tapawutlanýandygy, şunda söwda dolanyşygynyň ösüş depgininiň durnukly ýagdaýda saklanýandygy kanagatlanma bilen bellenildi.

Şeýlelikde, geçen hepdäniň wakalary hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň dünýä jemgyýetçiligi bilen netijeli dialogy çuňlaşdyrmaga, halkara hyzmatdaşlygy giňeltmäge, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny, ählumumy parahatçylygyň, durnukly ösüşiň bähbidine ynsanperwer ulgamdaky hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmaga gönükdirilen syýasatynyň hem-de ýurdumyzda amala aşyrylýan giň möçberli özgertmeleriň üstünliklere beslenýändiginiň aýdyň beýany boldy.

**«Mugallymlar gazeti».**

## ÖSÜŞLERE BESLENÝÄN GARAŞSYZ DIÝAR

***Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygyna 30 ýyl, ýurdumyzyň Garaşsyzlygyna 34 ýyl dolýar. Bu şanly seneler ähli ildeşlerimiziň kalbynda buýsanç döredýär. Şeýle ajaýyp günlerde Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň durmuşa geçirýän beýik işlerine has-da buýsanýarys, köňül kelamymyzy makalalarda, goşgularda, döredijilikde beýan edýäris. Belent sepgitleri nazarlaýan Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan aýdyň maksatlar bilen ynamly öňe barýar. Agzybir türkmen halkymyzyň her bir güni zähmet ýeňişlerine, döredijilik üstünliklerine beslenýär. Şeýle guwandyryjy şanly wakalar ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny berkitmek, raýatlarymyzyň ýaşaýyş derejesini gowulandyrmak bilen bagly wezipeleri üstünlikli çözmek boýunça ýokary netijeleriň gazanylýandygyna aýdyň şaýatlyk edýär. Garaşsyz Watanymyzyň her bir güni ýatda galyjy toý-baýrama, şatlykly wakalara beslenýär.***

Müňýyllyklardan gözbaş alýan gadymy taryhy bolan türkmen halky üçin eziz Watan, Garaşsyzlyk, parahatçylyk söýüjilik mukaddes gymmatlyklardyr. Bu ajaýyp gymmatlyklar, mukaddeslikler Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe has-da çuňňur many-mazmuna eýe bolýar. Parahatçylyk söýüjilik ýörelgeleriniň diňe bir halkymyzda däl-de, eýsem, umumadamzat derejesinde hem arzylanandygyny bellemek isleýäris. Şeýle asylly ýörelgeler türkmen ilinde asyrlarboýy kämilleşdirilip, ösdürilip gelnipdir. Şonuň üçin hem şanly Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk toýuna barýan Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda bu gymmatlyklar dünýä ýaýylýar.

2

## HALK MASLAHATY — DÖWLETLILIGIŇ BELENT NUSGASY

***Döwletli işler, tutumly başlangyçlar geňeşli maslahatyň netijesinde amala aşyrylýar. Ýakynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň başlyklyk etmeginde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň mejlisi geçirildi. Onuň dowamynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini, Garaşsyzlygyň 34 ýyllyk toýuny hem-de ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllyk baýramyny ýokary derejede geçirmek boýunça meseleleriň giň toplumy ara alnyp maslahatlaşyldy. Ata-babalarymyzdan gelýän asylly ýörelgeler, agzybirlik ýoly barha rowaçlanýar. Çünki aýdyň maksatlar bilen röwşen geljegi gurmak, agzybirlik, döwletlilik jemgyýetiň berk binýadydyr.***

Gahryman Arkadagymyz türkmen halkynyň asylly däp-dessurlarynyň biri bolan möhüm wezipeleri ara alyp maslahatlaşmagyň müňlerçe ýyl bäri halkymyzyň durmuşynda dowam edip gelýän demokratik däpleriň biridigini belledi. Häzirki taryhy döwürde bu däpler ýurdumyzyň ösüşinde ileri tutulýan wezipeleri çözmekde jemgyýetiň hereketlendiriji güýjüne öwrülendir.

2

## DOST-DOGANLYK MEKANY

***Hormatly Prezidentimiziň ösüşlere, özgerişlere, abadançylyga gönükdirilen içeri hem-de parahatçylyk söýüjilik ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasaty netijesinde ata Watanymyz Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Ýer ýüzünde parahatçylygyň we dost-doganlygyň merkezi hökmünde giňden meşhurdyr. Parahatçylyga, döredijilige, ösüşe esaslanýan syýasat Garaşsyz döwletimizi hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösdürmäge gönükdirilendir.***

Hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllyk baýramynyň giňden bellenilýän Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda hem ýurdumyzyň Ýer ýüzündäki abraýy barha belende galýar. Hormatly Prezidentimiziň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň tagallalary netijesinde, ösüş arkaly parahatçylygy ugur edinýän işler sebitiň hem dünýä döwletleriniň arasyndaky netijeli hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine, olaryň hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny ösdürmek maksadyndaky daşary syýasat başlangyçlaryna goldaw berilmegine gönükdirilýär.

Ata Watanymyz halkara derejeli forumlaryň we maslahatlaryň geçirilýän merkezine öwrülýär. Hormatly Prezidentimiziň umumadamzat parahatçylygyna gönükdirilen daşary syýasaty dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan goldanylýar we uly gyzyklanma bildirilýär. Parahatçylyga, ynanyşmaga we öňüni alyş diplomatiýasyna daýanýan daşary syýasaty ýöredýän Watanymyz BMG-niň Baş Assambleýasynyň mejlislerinde dünýä jemgyýetçiliginiň asuda durmuşyna gönükdirilen möhüm teklipler bilen yzygiderli çykyş edýär. Döwletimiziň dünýä halklarynyň bähbitlerine laýyk gelýän şeýle möhüm teklipleri halkara derejesinde uly gyzyklanma bilen goldanylýar. Ýurdumyzyň alyp barýan parahatçylyk söýüjilik ýörelgeleri, dünýä ýaýýan ynsanperwer syýasy başlangyçlary Watanymyzyň at-abraýyny has-da belende galdyrýar.

Türkmenistan Garaşsyzlygynyň ilkinji günlerinden halkara gatnaşyklar ulgamynda oňyn Bitaraplyk, deňhukukly hyzmatdaşlyk we hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgelerine eýerip gelýär. Geçen ýyllarda bu ugurda toplanan tejribeler hemişelik Bitaraplyk syýasatynyň milli bähbitlerimize hem-de Birleşen Milletler Guramasynyň asylly maksatlaryna doly laýyk gelýändigini görkezdi.

2

# ÖSÜŞLERE BESLENÝÄN GARAŞSYZ DIÝAR

1

Türkmen halkynyň eýýamlardan we döwürlerden geçip gelen Garaşsyz, berkarar döwletli bolmak arzuwynyň hasyl bolmagy bütin halkymyzyň göwnüni galkyndyrdy. Garaşsyzlyk zamanamyzda Gahryman Arkadagymyzyň,



Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň durnukly ösüşiň binýadyny tutan giň möçberli we aýdyň maksatly beýik işleri ýurdumyzyň belent derejede ösmegine, dünýä jemgyýetçiligi bilen hoşniýetli gatnaşyklaryň has-da giňeldilmegine badalgadyr. Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda ýöredilýän hemmetaraplaýyn hem-de ylmy esasda alnyp barylýan öňdengörüjilikli, hoşniýetli syýasatyň netijesinde dünýäniň ençeme döwletleri, iri halkara guramalar bilen köpugurly hem-de giň möçberli hyzmatdaşlyklaryň gerimi barha giňeldilýär. Eziz Diýarymyz halkara maslahatlaryň, dabaralaryň, forumlaryň geçirilýän mekanyna öwrüldi. Ýakynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahaty üstünlikli geçirildi. Munuň özi hemişelik Bitarap Türkmenistan ýurdumyzyň halkara abraýynyň örän ýokarydygyny, belent derejelere eýe bolýandygyny aýdyň görkezýär. Şeýle hem Bitarap Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy bilen oňyn hyzmatdaşlyk edýändigini beýan edýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe durmuşa geçirilýän beýik işler halk we umumadamzat bähbitlerinden gözbaş alýar. Bu bolsa täze eýýamda ýurdumyzyň beýik ösüşlerini, aýdyň maksatlaryň rowaçlygyny alamatlandyrýar. Beýik başlangyçlary we taýsyz tagallalary bilen bütin dünýäde parahatçylygy ösdürmek, dost-doganlygy rowaçlandyrmak ýaly il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli işleriň gözbaşynda duran Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun! Beýik ösüşlere beslenip öňe barýan Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan mundan beýläk-de gülläp össün!

**Bahar HALLYÝEWA,**
**Aşgabat şäherindäki 18-nji orta mekdebiň müdiriniň okuw işleri boýunça orunbasary.**



# HALK MASLAHATY — DÖWLETLILIGIŇ BELENT NUSGASY

1

Bu möhüm wezipeleri halk arasynda wagyz-nesihat etmekde Halk Maslahatynyň agzalaryna, deputatlara, syýasy we jemgyýetçilik guramalarynyň işjeň agzalaryna, alymlara, ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlaryna, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekillerine uly orun degişlidir. Şeýle hem Gahryman Arkadagymyz Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine taýýarlyk görülýän döwürde we mejlisiň jemleri boýunça Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň alyp barýan işleriniň taryhy, syýasy-jemgyýetçilik ähmiýeti barada täsirli çäreleri, çykyşlary, duşuşyklary giňden guramalydygy hakynda hem aýtdy.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň Kararyna laýyklykda, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisini 2025-nji ýylyň 19-njy sentýabrynda çagyrmak we ony Aşgabat şäherindäki Maslahat köşgünde geçirmek bellenildi. Häzirki wagtda döwletli maslahata taýýarlyk işleri guramaçylykly alnyp barylýar. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça öňde durýan möhüm wezipeler ara alnyp maslahatlaşylar hem-de degişli çözgütler kabul ediler.

Şeýle ajaýyp zamanany halkymyza peşgeş eden Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun!

**Abdulla ABAMOW,**
**Türkmenistanyň Demir ýol ulaglary ministrliginiň «Türkmendemirýoltaslama» taslama düzüş-agtaryş institutynyň direktory,**
**Aşgabat şäher Halk maslahatynyň başlygynyň orunbasary.**

# ASYLLY ÝÖRELGELER ROWAÇLANÝAR

Müňýyllyklaryň dowamynda şöhratly taryhymyzda beýik işleri bitiren merdana ata-babalarymyzyň, pähimdar pederlerimiziň toplan we nesillere miras galdyran baý tejribesi esasynda asylly, ynsanperwer ýörelgeler kemala geldi. Bu asylly ýörelgeler Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde has-da kämilleşdirilip, giňden dabaralandyrylýar. Şeýle ynsanperwer, asylly ýörelgeleriň biziň häzirki günlerimize çenli dowam etdirilmegi döwletlilikden, döwletiň berkararlygyndan, jemgyýetiň jebisliginden habar berýär.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda halkymyzyň abadan, asuda, parahat, eşretli durmuşda ýaşamagy ugrunda ýola goýlan asylly ýörelgeleriň durmuşa geçirilmeginde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň ähmiýeti örän uludyr. Häzirki ajaýyp döwrümizde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň esasy maksady we wezipesi Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň her bir raýatynyň hukuklaryna aýratyn hormat goýmak bilen, jemgyýetimizde halkymyzyň tekliplerini diňläp, öňde goýlan belent maksatlara ýetmek ugrunda netijeli işleri bilelikde durmuşa geçirmekden ybarat bolup durýar.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda hem Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň jemgyýetiň we döwletiň ösüşine, mähriban halkymyzyň aýdyň geljegine we her bir raýatyň ajaýyp durmuşda ýaşamagyna gönükdirilen beýik işleriň durmuşa geçirilmeginde aýratyn orny bardyr. Çünki Türkmenistanyň Halk Maslahaty döwrüň ruhuna kybap gelýän, jemgyýetiň talaplaryna we onuň ykdysady, syýasy we medeni ösüşiniň wezipelerine, döwletiň halkara hyzmatdaşlygyndaky ornuny berkitmek ugrunda alyp barýan içeri we daşary syýasatyna laýyklykda netijeli işleri amala aşyrýar.

Türkmenistanyň Halk Maslahaty halkymyzyň agzybirligini, jemgyýetimiziň jebisligini alamatlandyryp, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet adam üçindir!» diýen şygary, hormatly Prezidentimiziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen baş ýörelgesi bu günki gün dillerimiziň senasy, köňüllerimiziň owazy bolup ýaňlanýar.

Nurana geljegi nazarlaýan eziz Diýarymyzyň ösüşleri halkymyzy guwandyrýar. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň öňde goýan wezipelerini üstünlikli amala aşyrmak, Watanymyzyň ösüşlerini wasp etmek, belent maksatlary we tutumlary wagyz etmek hem-de röwşen geljegimiziň eýeleri bolan ýaş nesillere düşündirmek biziň her birimiziň mukaddes borjumyzdyr.

**Mälikberdi MÄMMEDOW,**
**Aşgabat şäherindäki 103-nji orta mekdebiň müdiri.**

# BAGTYÝAR GELJEGI NAZARLAÝAN HYZMATDAŞLYK

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň geçirilmegi döwletimiziň halkara başlangyçlarynyň dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan giň goldawa eýe bolýandygyny ýene bir ýola aýdyň subut etdi.

Bu wekilçilikli forumyň çäklerinde BMG-niň düzüm birlikleriniň we beýleki halkara guramalaryň guramagynda birnäçe ugurdaş çärelere giň orun berlip, olarda DÇBÖBD-niň ykdysadyýetlerini ösdürmek, durnuklylygy pugtalandyrmak bilen bagly meselelere garaldy.

Halkara maslahatyň çäklerinde ilkinji gezek Ýaşlar forumynyň geçirilmegi aýratyn guwandyryjydyr. Munuň özi ýurdumyzyň ykdysady, syýasy, medeni durmuşyna ýaşlaryň doly derejede gatnaşmagy üçin giň mümkinçilikleri döretse, beýleki bir tarapdan, olaryň jemgyýetçilik-syýasy işjeňligini, şahsy başlangyçlaryny goldamak we höweslendirmek babatda aýratyn ähmiýete eýe bolup durýar. Şunuň bilen bir hatarda, ýurdumyzyň dünýä döwletleri bilen syýasy, ykdysady, medeni, ylym-bilim we beýleki ugurlarda giň we doly möçberli hyzmatdaşlygynyň ýola goýulmagynda, şol sanda köpugurly we toplumlaýyn daşary syýasatynyň amala aşyrylmagynda ýaşlara uly ornuň degişlidigini görkezýär.

Hormatly Prezidentimiziň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň tagallalary bilen ýurdumyzda ýaşlaryň hemmetaraplaýyn kämilleşmegine, olaryň döredijilik we innowasion mümkinçilikleriniň açylmagyna aýratyn ähmiýet berilýär.

BMG-niň düzüm birlikleri we beýleki gyzyklanma bildirýän taraplar bilen ýaşlaryň arasynda netijeli dialogy ýola goýmak üçin meýdança döretmek, DÇBÖBD-niň Hereketleriň Awaza maksatnamasyny durmuşa geçirmekde esasy ugurlaryň biri hökmünde ýaşlaryň mümkinçiliklerini giňeltmek, bu döwletler üçin Hereketleriň Wena maksatnamasyny durmuşa geçirmekde gazanylan tejribäni paýlaşmak, Durnukly ösüş maksatlaryny ilerletmek hem-de milli, sebit, dünýä tejribesiniň esasynda Hereketleriň Awaza maksatnamasyny durmuşa geçirmek üçin innowasion çözgütler we başlangyçlar, täze pikirler bilen tanyşdyrmak forumyň esasy maksady boldy.

Bu halkara ähmiýetli forum ýurdumyzyň ýaşlar syýasatynyň üstünlikleriniň, döwletimiziň halkara hyzmatdaşlyk ulgamyndaky işjeňliginiň we öňdengörüjilikli başlangyçlarynyň nobatdaky beýany boldy.

Ýaşlar häzirki zaman dünýäsinde, husisan-da, Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan kabul edilen Durnukly ösüş maksatlaryny gazanmakda aýratyn orun eýeleýärler. Bu maksatlar ugurlaryň giň toplumyny, şol sanda ýokary hilli bilim almagy üpjün etmek, daşky gurşawy goramak we ykdysady ösüşe ýardam bermek ýaly möhüm ugurlary öz içine alýar.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda ýaşlaryň bilim derejesini ýokarlandyrmak, olaryň hünär taýdan kämilleşmegi üçin ähli şertler döredilýär. Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde talyplaryň halkara tejribä eýe bolmagy, daşary ýurt dillerini, häzirki zaman tehnologiýalaryny özleşdirmegi üçin giň mümkinçilikler bar. Şu nukdaýnazardan, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirilen halkara Ýaşlar forumy ýurdumyzyň ýaşlarynyň dünýäniň dürli ýurtlaryndan gelen deň-duşlary bilen tejribe alyşmagyna, bilelikde täze başlangyçlary öňe sürmegine we dünýä derejesindäki meseleleriň çözgüdine gatnaşmagyna giň ýol açdy.

Umuman, türkmen ýaşlary jemgyýetiň ähli gurşawynda bolup geçýän özgerişleri, täzelikleri durmuşa geçirmäge we ösdürmäge hem-de parahatçylygy dabaralandyrmaga ukyplydyrlar. Ýaşlar döwletiň işjeň we örän wajyp güýjüdir, olaryň islegleri, gymmatlyklary, garaýyşlary geljegiň binýadydyr.

Umumadamzat ähmiýetli beýik işleri durmuşa geçirýän, ýaş nesillere uly ynam bildirýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

**Atamyrat YLÝASOW,**
**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň uly mugallymy, ilkinji Ýaşlar guramasynyň başlygy, Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrap Halk maslahatynyň agzasy.**




# DOST-DOGANLYK MEKANY

1

BMG-niň Baş Assambleýasynyň Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygyny degişli Kararnamalary bilen üç gezek ykrar etmegi munuň aýdyň güwäsidir. Şanly ýylymyzda türkmen Bitaraplygynyň 30 ýyllyk ýubileý toýunyň giňden bellenilmegi bolsa ata Watanymyzda amala aşyrylýan asylly başlangyçlaryň dabaralanmasy hökmünde kalplary joşdurýar. Ýer ýüzüniň asuda, abadan döwletleriniň biri hökmünde ykrar edilen Bitarap Türkmenistan sebitde we dünýäde ählumumy abadançylygyň, rowaçlygyň, gülläp ösüşiň bähbidine gönükdirilen işleri alyp barýar. Munuň özi Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda guralýan iri forumlardyr maslahatlaryň mysalynda has-da aýdyň görünýär.

Türkmen halkyna asuda, abadan durmuşda ýaşamaga, dünýä döwletleri bilen dostlukly gatnaşyklary berkitmäge giň mümkinçilikleri döredýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, beýik işleri rowaçlyklara beslensin!

**Ogulsuraý BERDIÝEWA,**
**Aşgabat şäherindäki ýöriteleşdirilen 74-nji «Bagtyýar nesiller» orta mekdebiniň mugallymy.**

# HALKARA ÄHMIÝETLI taryhy waka

**Hazaryň gözel kenarynda — «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahaty üstünlikli geçirildi. Munuň özi dünýä ýüzünde örän ähmiýetli taryhy waka bolmak bilen, onda umumadamzat bähbitli başlangyçlar öňe sürüldi.**

Gerimi boýunça örän uly bolan wekilçilikli foruma birnäçe döwletleriň Baştutanlarynyň, meşhur halkara guramalaryň ýolbaşçylarynyň hem-de wekilleriniň gatnaşmagy onuň abraýyny has-da artdyrdy. Forumyň çäginde geçirilen maslahatlaryň, ugurdaş çäreleriň dowamynda ählumumy abadançylyk, howpsuzlyk, durnukly ykdysady ösüşi gazanmak ugrunda halkara gatnaşyklary pugtalandyrmak, durnukly energetika, ulag-logistika, aragatnaşyk, ekologiýa, daşky gurşawy goramak babatda hyzmatdaşlygy giňeltmek boýunça öňe sürülýän başlangyçlar giň goldaw tapdy. Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletlere dünýä bazarlaryna çykmagyň ýollary, ulag-logistika meseleleri, söwda babatda döreýän bökdençlikleri aradan aýyrmagyň usullary, bu ugurlara maýa goýumlaryny gönükdirmek esasy üns berlen ugurlardyr.

Halkara maslahatyň çäklerinde geçirilen Parlament forumynyň dowamynda Hereketleriň Wena maksatnamasyny durmuşa geçirmek bilen baglanyşykly gazanylan tejribäni paýlaşmak we Hereketleriň Awaza maksatnamasyny durmuşa geçirmäge ýardam bermek üçin mümkinçilikleri döretmek, deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň parlamentleriniň öz kanun çykaryjylyk we beýleki işlerine Hereketleriň onýyllyk maksatnamasynyň ileri tutulýan ugurlaryny girizmek üçin anyk çäreler barada düzgünler beýan edildi.

BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň çäklerinde geçirilen birnäçe ugurdaş çärelerde häzirki döwrüň ýüze çykaran meseleleri öz beýanyny tapdy. Husisan-da, Bütindünýä Söwda Guramasy tarapyndan guralan «Halkara ulag geçelgelerinde resminamalaryň dolanyşygyny sanly ulgama geçirmek» atly mejlisde deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň ykdysady ösüşi we integrasiýasy üçin möhüm meselelere hem-de halkara ulag geçelgeleriniň işinde sanly ulgamy ornaşdyrmagyň ähmiýetine aýratyn üns çekildi. «Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň mümkinçiliklerini giňeltmek: durnukly geljek üçin bilelikdäki çözgütler» atly mejlisde bolsa durnukly ösüşi üpjün etmek üçin tagallalary birleşdirmegiň we hyzmatdaşlygyň möhüm ähmiýeti barada durlup geçildi.

Umuman, maslahatyň dowamynda geçirilen forumlar, ugurdaş çäreler we olarda beýan edilen pikirlerdir garaýyşlar deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň giň durmuş-ykdysady mümkinçiliklere eýedigini, olaryň dünýä ykdysady giňişliginde mynasyp orny eýelemeginiň ählumumy ösüşe goşant goşup biljekdigini görkezdi.

Gözel Awazada ýokary derejede guralan syýasy-ykdysady ugurly çäreler bilen birlikde, milli günleriň, sergileriň, aýdym-sazly çykyşlaryň ýaýbaňlandyrylmagy halkara forumyň işine aýratyn öwüşgin çaýdy hem-de türkmen topragynyň dost-doganlygyň rowaçlanýan mekanydygyny, halkymyzyň myhmansöýerligini, asylly däplerini Ýer ýüzüne äşgär etdi.

**Oguljan AMANOWA,**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň mugallymy.**

# 2025 — 2026-njy OKUW ÝYLYNYŇ ILKINJI OKUW SAPAGY ÝURDUMYZYŇ BILIM EDARALARYNDA «HALKARA PARAHATÇYLYK WE YNANYŞMAK ÝYLY» ADY BILEN GEÇIRILER

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyçlaryny üstünlikli dowam edýän hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda eziz Diýarymyz beýik ösüşlere beslenýär. Milli ykdysadyýetiň ähli ugurlary boýunça uly ösüşler, guwandyryjy we buýsandyryjy üstünlikler gazanylýar, giň gerimli özgertmeler amala aşyrylýar. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda milli bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmak we sanly bilimi has-da ösdürmek maksady bilen, düýpli özgertmeler üstünlikli durmuşa geçirilýär. «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip atlandyrylan 2025-nji ýylyň birinji ýarymy ýurdumyz we halkymyz üçin taryhy ähmiýetli buýsançly hem-de guwançly wakalara baý boldy.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe nurana geljegimiziň eýeleri boljak bagtyýar nesilleriň berk bedenli, aň-bilim taýdan ösmegi we milli ruhda terbiýelenmegi üçin ähli şertler hem-de giň mümkinçilikler döredilýär. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde bilimli, terbiýeli, maksada okgunly nesil kemala gelýär. Ylym, bilim kämilligiň berk binýady bolup, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde bilimli, ylymly ýaşlary kemala getirmek esasy wezipeleriň hatarynda goýulýar. Ylym-bilim ulgamyna döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hökmünde garalyp, bu ugurda netijeli işler alnyp barylýar, öňdebaryjy tejribeler ornaşdyrylýar, bilim özgertmeleri rowaçlanýar. Ýaş nesillerimize sport bilen meşgullanmaga giňden ýol açmak, ýurdumyzyň halkara sport abraýyny has-da belende götermek ugrunda uly işler alnyp barylýar. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynda ýurdumyzyň başlangyjy bilen «Birleşen Milletler Guramasynyň oýunlary» atly Kararnamanyň kabul edilmegi, «Arkadag» futbol toparynyň Aziýanyň Futbol konfederasiýasynyň Çagyryş ligasynyň Kubogyna mynasyp bolmagy, ýaş türkmenistanlylaryň küşt boýunça halkara ýaryşda umumy medal hasabynda birinji orny eýelemegi, Aşgabat şäheriniň «Arkalaşygyň täze sport mümkinçilikleriniň şäheri» diýlip yglan edilmegi guwandyryjy wakalardyr.

Eziz Watanymyzyň her bir güni il-ýurt bähbitli ýatdan çykmajak şanly wakalara beslenýär. 2025 — 2026-njy okuw ýylynyň başlanmagy hem şeýle şanly wakalaryň biri bolar. Çünki täze okuw ýylynyň başlanmagy mynasybetli Bilimler we talyp ýaşlar güni dabaraly bellenilер. Şeýle hem ýurdumyzda şol gün häzirki zaman enjamlary, multimedia tilsimatlary bilen üpjün edilen täze orta mekdepleridir beýleki bilim edaralary ýaşlar üçin gapylaryny giňden açar. Ilkinji sapakda bilim almak barada söhbet guralanda Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet guşy» romany esasynda ýaşlaryň taýýarlan çykyşlary görkezilse, okuw sapagynyň täsirliligi has-da artar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň ähli ugurlarda uly ösüşlere beslenýändigi, şol sanda ylym-bilim ulgamynda hem şanly menzillere, ajaýyp üstünliklere eýe bolunýandygy barada ösüp barýan ýaş nesillere düşündirmek esasy wezipeleriň biri bolup durýar. Hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli we çuňňur ynsanperwerlige ýugrulan içeri we daşary syýasatynyň netijesinde gazanylýan üstünlikler, beýik ösüşler türkmen halkynda buýsanç döredýär.

Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň «2025 — 2026-njy okuw ýylynyň başlanmagy mynasybetli ilkinji okuw sapagyny guramaçylykly geçirmek hakynda» buýrugyna laýyklykda, ýurdumyzyň bilim edaralarynda 2025 — 2026-njy okuw ýylynyň ilkinji okuw sapagy «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» ady bilen geçiriler. Bu şatlykly günde özüniň döwrebaplygy we häzirki zaman enjamlary bilen enjamlaşdyrylyşy boýunça dünýäde ykrar edilen Arkadag şäherindäki ýokary derejede bilim berýän mekdepler hem özüniň işe başlamagynyň iki ýyllyk toýuny toýlar.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Arkadag şäheriniň açylmagynyň iki ýyllygy mynasybetli Gutlagynda şeýle belleýär: «Biz geljekde hem Garaşsyz Watanymyzyň gülläp ösmegine, halkymyzyň abadançylygyna gönükdirilen ägirt uly işleri durmuşa geçireris». Uly dabaralara beslenjek täze okuw ýylynyň ilkinji sapagynda ýurdumyzda durmuşa geçirilýän özgertmeleri mekdep okuwçylaryna we talyp ýaşlara ýetirmek olarda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan Watanymyza çäksiz buýsanjy döreder.

Bilim edaralarynyň ýolbaşçylary ilkinji okuw sapagynyň ýokary derejede guramaçylykly geçirilmegini we onuň bildirilýän talaplara laýyklykda guralmagyny gazanmak maksady bilen, öňdebaryjy hem-de kärdeşleriniň arasynda uly hormata eýe bolan bilim işgärleriniň baý iş tejribesinden peýdalanmalydyr.

2025 — 2026-njy okuw ýylynyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» ady bilen geçirilýän ilkinji okuw sapagynyň ýokary derejede bolmagy üçin her bir bilim işgäri döredijilikli çemeleşip, özüniň ukyp-başarnygyny görkezmelidir. Sapakda ulanyljak okuw-görkezme esbaplary, goşmaça maglumat we multimedia serişdeleri öňünden taýýarlanylyp, okuw otaglary döwrebap enjamlaşdyrylmalydyr. Gahryman Arkadagymyz «Hakyda göwheri» atly kitabynda şeýle belleýär: «Gadymy döwrüň alymlarynyň işlerini okanymda, käte şular hakynda pikirlenýärin. Horezmi, Biruny, ibn Sina, Faraby, Omar Haýýam her bir ugurdan hem döwrüniň ruhuny duýan, şonuň esasynda hem, paýhasyny kemala getirmäge gönüden-göni gatnaşan beýik şahsyýetler diýip, olaryň köptaraplaýyn ylmynyň syrlaryna düşünmäge hyýal edýärin. Adam bolmagy alym bolmakdan hem müşgillik edip goýan ata-babalarymyzyň şol beýik şahsyýetlere «akyldar» diýmeginiň, şol «akyldarlaryň» bolsa, asyrlaryň synagynda synman, gaýtam ýüzüni açýanlygynyň haýran galdyryjylygy meni gaýta oýlandyrýar. Onsoň, özümçe, olaryň pikirden, pähimden many almaga ussat bolup parhlanandyklaryny ilki ykrar edýärin». Şu parasatly sözlerden ugur alyp, her bir bilim işgäri Gündogaryň danalarynyň, munuň üstesine-de bu günki gün türkmen Tuguny Älem giňişliginde parladan Türkmenistanyň Gahrymany tälimçi-kosmonawt-synagçy Oleg Kononenkonyň hem öz ildeşimiz bolmak bilen, onuň kärini dowam etdirijileriň öz okadýan okuwçylarynyň arasynda bolmagynyň mümkindigini ýatdan çykarmaly däldir. Munuň üçin geljekki alymlardyr kosmonawtlaryň döremegini arzuwlap, okuwçylardyr talyplaryň ýerine ýetirmeginde Gündogaryň danalarynyň we kosmonawtlaryň durmuş ýoly barada söhbet guralsa täsirli bolar.

Ilkinji okuw sapagynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň nusgalyk kitaplaryndan ýerlikli peýdalanmaly. Şeýle hem bilimli, sagdyn bedenli, watansöýüji, terbiýeli ýaş nesli yhlasly okamaga gönükdirmelidir.

Her bir bilim işgäriniň wezipesi bilimli, terbiýeli, Watanyna, hormatly Prezidentimize wepaly ýaşlary okadyp, terbiýeläp ýetişdirmekdir. Munuň üçin ilkinji okuw sapagynda Gahryman Arkadagymyzyň «Ömrümiň manysynyň dowamaty» atly kitabyndaky parasatly sözler esasynda giňişleýin söhbet etmek uly ähmiýete eýedir.

Hormatly Prezidentimiz «Magtymguly — dünýäniň akyldary» atly kitabynda şeýle belleýär: «Megerem, Magtymguly türkmen halkynyň geçen ýa-da şu wagtky müňýyllygynyň döwletli nesibesidir. Pygamber paýhasyny özüne ýol edinen ol ägirt är, Görogly gaýratly gerçek diňe türkmen halkynyň däl, eýsem, ähli adamzadyň bagtly paýydyr, döwletli nesibesidir». Şu parasatly sözlerden ugur alyp, ilkinji okuw sapagynda akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragy hakynda söhbetler guramak maksadalaýyk bolar.

Şu ýylyň 21-nji martynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan bu abraýly halkara gurama agza döwletleriň biragyzdan goldamagynda «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnamanyň kabul edilip, onuň esasynda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň dünýä bileleşigi tarapyndan üçünji gezek ykrar edilmeginde uly many bar. Çünki hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygy halkara derejesinde uly dabaralara beslenip toýlanjak hem-de «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilen 2025-nji ýyl Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan Watanymyz üçin uly üstünliklere beslenen ýyllaryň biri hökmünde taryhyň sahypasyna altyn harplar bilen ýazylar. Gazanylan üstünlikler, ýetilen sepgitler Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde parahatçylygy, ynanyşmagy, ählumumy abadançylygy pugtalandyrmaga gönükdirilen giň möçberli, taryhy ähmiýetli işleriň bitirilýändiginiň aýdyň mysalydyr.




Mälim bolşy ýaly, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda hemişelik Bitarap Türkmenistanyň başlangyjy esasynda 2025-nji ýyl dünýäde «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edildi. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan bu taryhy Kararnamanyň kabul edilmegi, şu ýylyň awgust aýynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň geçirilmegi guwandyryjy netijelerdir.

Häzirki wagtda ylym-bilim ulgamynda halkara hyzmatdaşlyk barha giň gerime eýe bolýar. Muny hormatly Prezidentimiziň Ýaponiýa sapary hem aýdyň beýan edýär. Çünki bu iş saparyň dowamynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa Ýaponiýanyň iň abraýly ýokary okuw mekdepleriniň biri bolan Sukuba uniwersitetiniň hormatly doktory akademiki derejesiniň berilmegi buýsandyryjy şanly wakadyr.

Hormatly Prezidentimiz şeýle belleýär: «Siz Watanymyzyň beýik geljegini gurýan nesillersiňiz. Il-günümiziň hem-de bütin adamzadyň bagtyýarlygyna gönükdirilen belent maksatlarymyza ýetmekde size aýratyn bil baglaýarys. Şoňa görä-de, siz durmuş ýoluňyzdaky indiki täze ädimlere has aýgytly we ruhubelentlik bilen gadam basmalysyňyz, eziz Watanymyzyň, halkymyzyň bähbidi ugrunda okamak, döretmek arkaly hemişe öňe gitmelisiňiz. Siz gözbaşy has gadymy döwürlerden gaýdýan milli ýörelgelerimizden, müňýyllyklaryň dowamynda toplanan tejribelerimizden ugur alyp, eziz Diýarymyza, mähriban halkymyza bolan beýik söýgiňiz bilen berkarar Watanymyzyň dünýädäki abraýyny, mertebesini, şan-şöhratyny has-da beýgeltmelisiňiz».

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň bu parasatly sözleri ähli watandaşlarymyz bilen birlikde ösüp gelýän ýaş nesilleriň kalbynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyza buýsanç duýgusyny joşdurýar. Şeýle hem hormatly Prezidentimiziň: «Ylym we bilim geçmişde bolşy ýaly, häzirki döwürde-de ähli ösüşlerimiziň binýadyny düzýär. Biz bu gymmatly baýlygymyz arkaly Garaşsyz Watanymyzyň geljegini gurýarys. Şoňa görä-de, biz geljekde hem ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly, başarjaň, maksada okgunly nesilleri terbiýelemek üçin ähli tagallalary ederis» diýen, pähim-paýhasa ýugrulan sözleri milli bilim ulgamynyň ähli işgärlerini täze döredijilik üstünliklerine ruhlandyrýar.

Ilkinji okuw sapagynda ýurdumyzyň dünýädäki abraýy, halkara hyzmatdaşlyk, ynanyşmak we dostluk ýörelgeleri hakynda beýan edilmelidir. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygyny we halkymyzyň gadymdan gelýän parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetlilik, ynsanperwerlik we myhmansöýerlik däplerini Ýer ýüzünde şöhratlandyrmak, raýatlarymyzyň watançylyk ruhuny has-da belende götermek, ýaş nesli Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan Watanymyza uly buýsanç, çäksiz söýgi we wepalylyk ruhunda terbiýelemek barada aýdylyp, ilkinji okuw sapagy Gahryman Arkadagymyzyň ýiti zehininden, jöwher paýhasyndan dörän, parahatçylygyň, ynanyşmagyň we dost-doganlygyň ähmiýetini, onuň gadyr-gymmatyny giňden açyp görkezýän «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» atly ajaýyp goşgusyny okuwçylaryň we talyplaryň labyzly okamagy bilen jemlenilse maksadalaýyk bolar.

Hormatly bilim işgärleri, okuwçylar we talyplar! Sanlyja günden başlanjak 2025 — 2026-njy okuw ýyly düşümli bolsun!

Ýurdumyzy beýik ösüşlere besleýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

**Türkmenistanyň Milli bilim instituty.**

Talyp ýaşlaryň ýürek buýsanjy

# BILIM ÖWRENMEK BAGTY



**Ogultäç ÖWEZOWA,**
**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň 1-nji ýyl talyby:**

— Men Arkadag şäherindäki iňlis diline ýöriteleşdirilen 2-nji orta mekdebi tamamladym. Mekdepde okan ýyllarymda dürli ugurlardan geçirilýän ders bäsleşiklerine, şeýle hem internet olimpiadalaryna gatnaşyp, üstünlikli çykyş edip, birnäçe baýrakly orunlara eýe boldum. «Türkmenistanda on iki ýyllyk umumy orta bilime geçmegiň Konsepsiýasy» esasynda 12 ýyllyk okuw maksatnamalary boýunça bilim alan ilkinji uçurymlaryň biri bolmak bagty maňa hem miýesser etdi.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ýurdumyzyň baýry ýokary okuw mekdepleriniň biri bolan Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetine giriş synaglaryny üstünlikli tabşyryp, talyp bolmak bagtyna eýe boldum.

Bizi şeýle bagtly durmuşda ýaşadýan, okamaga, ylym-bilim öwrenmäge, zähmet çekmäge döredýän giň mümkinçilikleri üçin Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli beýik işleri rowaçlyklara beslensin!



**Rahymylla ÝAGŞYMYRADOW,**
**Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň 1-nji ýyl talyby:**

— Eziz Diýarymyz Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan — iň arzyly arzuwlaryň, bagtly çagalygyň we bagtyýar ýaşlygyň ýurdy. Men 2024 — 2025-nji okuw ýylynda robot tehnikasy, takyk we tebigy ugurly okuw dersinden «Akylly suwaryş ulgamy» atly bäsleşigiň döwlet tapgyrynda 3-nji orna mynasyp boldum.

Arkadag şäherindäki 1-nji ýöriteleşdirilen okuw-terbiýeçilik toplumynda okaýan döwrümde ýurdumyzyň ykdysadyýet ulgamynda ýokary derejeli hünärmen bolup ýetişmek hakynda arzuw edýärdim. Hut şol arzuw bilen orta mekdebi tamamlap, Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutyna talyplyga dalaşgär hökmünde okuw resminamalarymy tabşyrdym. Giriş synaglaryndan üstünlikli geçip, institutyň talyby bolmak bagty miýesser etdi.

Indi geljekde saýlap alan hünärim boýunça nazary bilimleri özleşdirip, ykdysadyýet ugrundan ökde hünärmen bolup, ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny has-da artdyrmaga goşant goşmagy maksat edinýärin. Biz — ýaşlara döwrebap bilim öwrenmäge giň mümkinçilikleri döredýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden buýsanjymyzy beýan edýäris.



**Rejep REJEPOW,**
**S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň 1-nji ýyl talyby:**

— Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda meniň islegli arzuwym hasyl boldy. S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetine giriş synaglaryny üstünlikli tabşyryp, talyp bolmak bagty miýesser etdi. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň ýüregi buýsançdan doly talyby diýen belent ada mynasyp boldum. Muňa meniň begenjimiň çägi ýok.

Durmuşyň many-mazmuny eziz Watanymyzy, mähriban halkymyzy söýmekde, hyzmat etmekde jemlenýär. Bu hem bizi ähli güýç-gaýratymyz bilen okamaga, täze bilimleri ele alyp, kämil hünärmenler bolup ýetişmäge borçly edýär. Biz — ýaşlaryň döwrebap hünärmenler bolup ýetişmegimiz, ylmy işler bilen içgin meşgullanmagymyz üçin ähli mümkinçilikleri döredýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden byýsanjymyzy beýan edýäris.



**Aýjeren JUMAÝEWA,**
**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň 1-nji ýyl talyby:**

— Şu ýyl maňa-da Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby bolmak bagty miýesser etdi. Biz — talyp ýaşlar Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň beýik işlerine buýsanýarys. Biz hem döwrebap bilim öwrenip, kämil hünärmenler bolup ýetişeris. Çünki bilim kämilligiň aýdyň ýoludyr. Bilim öwrenmek we Watana wepaly ýaşlar bolmak mukaddes ýörelgämizdir. Häzirki wagtda ýaşlara döwrebap enjamlaşdyrylan, okatmagyň öňdebaryjy tehnologiýalary bilen üpjün edilen, dünýä maglumat torundan peýdalanmaga mümkinçilik döredilen ýokary okuw mekdeplerinde bilim almaga we hünär öwrenmäge amatly şertler döredildi. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallasy bilen ýokary okuw mekdeplerine kabul edilýän ýaşlaryň sany ýyl geldigiçe artdyrylýar.

Ýaşlaryň mynasyp derejede bilim almagyna giň mümkinçilikleri döredýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag bolsun!



**Aýgül SYTDYÝEWA,**
**Hydyr Derýaýew adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň 1-nji ýyl talyby:**

— Ýhlasymyň ýerine gowşup, abraýly okuw mekdepleriň biri bolan Hydyr Derýaýew adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň talyby bolandygyma diýseň begenýärin. Çünki ýaşlykdan hormatly mugallymçylyk kärini ele almak arzuwly maksadymdy.

Mary şäherindäki 10-njy orta mekdepde okaýan döwrümde sapaklaryma oňat ýetişmäge çalyşýardym, dürli bäsleşiklere yzygiderli gatnaşýardym. «Altyn asyryň altyn zehinleri» atly ders bäsleşiginiň şäher hem-de welaýat tapgyrlarynda türkmen dili we edebiýat dersinden ençeme ýyl baýrakly orna mynasyp boldum. Munuň özi maňa okamagyň, öwrenmegiň hemişe gerekdigini, arzuwlaryň wysal tapmagy üçin maksada okgunly bolmalydygyny öwretdi. Şoňa görä-de, saýlap alan hünärim boýunça bilimimi artdyryp, ata Watanymyzyň ösüşlerine mynasyp goşant goşjak ýaşlaryň biri bolup ýetişjekdigime ynandyrýaryn.

Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun, halkymyzyň bagtyýar durmuşy üçin alyp barýan dünýä nusgalyk beýik işleri rowaçlyklara beslensin!

# TÄZE OKUW ÝYLY — üstünlige badalga

***Ynha, täze, 2025 — 2026-njy okuw ýyly barha golaýlap gelýär. Şonuň üçin şu günler bazarlarda, söwda nokatlarynda okuw harytlarynyň söwdasy gyzgalaňly dowam edýär. Ene-atalar çagalary bilen göwün islän harytlaryny amatly bahadan satyn almak mümkinçiligine eýe bolýarlar. Olarda okuw esbaplarynyň dürli görnüşleriniň alyjylara hödürlenýändigi guwandyrýar, şeýle-de harytlar elýeterliligi, ýokary hilliligi bilen tapawutlanyp, ýurdumyzda öndürilendigi buýsanç döredýär. Röwşen geljegimiziň şuglasy bolan bagtyýar çagalary synlap barşyňa, olar üçin döredilýän ajaýyp şertlere guwanýarsyň.***

Söwda nokatlarynyň birinde daş-töweregimizi gyzyklanma bilen synlap ýörşümize, bu ýere ejesi bilen gelen oglanjyga gözümiz kaklyşdy. Salam bilen olaryň ýanyna bardyk. Mähirli ene buýsanyp, amatly bahadan alan harytlaryny görkezmek bilen bolýar: «Sizem okuw esbaplaryny almaga gelensiňiz, geçen okuw ýylynda-da çagalaryma ýurdumyzda öndürilen «Türkmenistan» haryt nyşanly bedenterbiýe



dersine niýetlenen şu sport eşigini alypdym, hili örän gowy eken» diýip, maslahat berýär. Bizem onuň maslahatyna eýerip, gök reňkli sport eşigine hyrydar bolduk. Soňam enäniň paýtagtymyzdaky 55-nji orta mekdebiň ikinji synpyna gadam basjak ogluna täze okuw ýylynda oňat bahalar almagyny arzuw etdik.

Ine-de, sanlyja günden ýurdumyzda Bilimler we talyp ýaşlar güni belleniler. Körpeler ene-atalarynyň elinden tutup, ak mekdebiň bosagasyndan ätlärler. Olaryň mähirli keşbinde tolgunma duýlup, bilesigelijilik bilen bir ene-atasyna, birem mugallymyna serederler. Munuň özi her bir ene-ata üçin ýatda galyjy, kalba ornajak pursatlaryň biri bolar.

Şunda talyp adyna eýe bolan ýaşlar hem ylymlar dünýäsine gadam basarlar. Şonda ilkinji tanyşlyk, ilkinji okuw otagy, mähir bilen bakýan mugallyma gözüň düşer. Olaryň her biriniň öňünde belent maksatlar bar. Bu maksatlar geljegimiziň çyragy bolan bagtyýar çagalaryň nurana ertirine gönükdirilen kämil hünärmenleri ýetişdirmek babatda alnyp barylýan beýik işlerde jemlenýär.

**Bägül BAÝGELDIÝEWA,**
**«Mugallymlar gazeti».**

# ŞÖHRATLY GEÇMIŞIMIZ — MILLI BUÝSANJYMYZ

*Türkmen topragy dünýä siwilizasiýasynyň ösmegine mynasyp goşant goşan gadymy mekandyr. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary esasynda halkymyzyň şöhratly geçmişini öwrenmek, ýurdumyzyň taryhy ýadygärliklerini rejelemek, olary kanuny esasda gorap saklamak we geljekki nesillere ýetirmek babatda uly işler amala aşyrylýar.*

Eziz Diýarymyzda taryhy ýadygärliklerini goramak babatda Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy (ÝUNESKO) bilen netijeli hyzmatdaşlyk alnyp barylýar. Türkmenistan ÝUNESKO bilen 1993-nji ýyldan bäri netijeli hyzmatdaşlyk saklaýar. Ýurdumyz 1994-nji ýylda «Bütindünýä medeni we tebigy mirasy goramak baradaky» Konwensiýa goşuldy. Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzyň taryhy-medeni gymmatlyklary gorap saklamaga gönükdirilen kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň birnäçesi kabul edildi. Muňa mysal hökmünde «Türkmenistanyň taryhy we medeni ýadygärliklerini goramak hakynda», «Muzeýler we muzeý işi hakynda», «Gozgalýan medeni gymmatlyklary goramak, äkitmek we getirmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunlarynyň görkezmek bolar. Häzirki döwürde ýurdumyzyň ähli sebitlerinde taryhy-medeni goraghanalar hereket edýär. Taryhy-medeni goraghanalar Gadymy Merw, Köneürgenç, Nusaý, Abiwerd, Sarahs, Dehistan, Gökdepe galasy ýaly iri arheologik we binagärlik toplumlarynyň jemlenen ýerlerinde döredilýär. Olarda alnyp barylýan işler degişli taryhy ýadygärlikleriň öwrenilmeginde, goralmagynda hem-de rejelenmeginde möhüm ähmiýete eýedir.

Täze taryhy döwürde milli mirasymyzyň gymmatlyklaryny düýpli öwrenmek, gorap saklamak we dünýä ýaýmak babatda zerur işler dowam etdirilýär. Şeýle hem taryhy-medeni mirasymyzyň



desgalaryny abat saklamak, öwrenmek, olary ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizmek boýunça işler alnyp barylýar. Soňky ýyllarda halkara ylmy jemgyýetçiliginiň ýurdumyzyň gadymy taryhy-medeni mirasynyň obýektlerine gyzyklanmasy barha artýar. Hormatly Prezidentimiziň 2022-nji ýylyň 8-nji aprelinde gol çeken «Milli taryhy-medeni mirasyň obýektlerini aýap saklamagyň, goramagyň, öwrenmegiň hem-de olara syýahatçylygy çekmegiň 2022 — 2028-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyna» laýyklykda, bu ugurda anyk wezipeler göz öňünde tutulyp, olar üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Şöhratly taryhymyzy ýny esasda öwrenmekde taryhçy alymlar, arheologlar uly işleri alyp barýarlar. Şonuň üçin hem bu işleri wagyz etmek, okyjylara ýetirmek hem asylly ýörelgedir. Şunda dörejilik işgärleriniň, mugallymlaryň wagyz-nesihaty üstünlikli alyp barýandyklaryny hem bellemek gerek.

Taryhy we medeni ýadygärlikler ýaş nesilleri watançylyk ruhunda terbiýelemekde, olaryň şöhratly geçmişimize, bagtyýar şu günümize buýsanjyny artdyrmakda uly ähmiýete eýedir. Asyrlaryň wakalaryna şaýat bolan gadymy mekanlara guralýan gezelençler ýaşlara nazaryýetde alan bilimlerini berkitmäge, geçmişe gaýybana syýahat etmäge ýardam edýär.

Halkymyzyň gözbaşyny müňýyllyklardan alyp gaýdýan dünýä nusgalyk mirasy, milli gymmatlyklary, edimgylymlary we ajaýyp däpdessurlary bar. Bu gymmatlyklar asyrlarboýy ösdürilip, kämilleşdirilip, biziň günlerimize gelip ýetipdir. Gadymy hem-de baý mirasymyzy öwrenmäge, olary ýaş nesillerimize öwretmäge giň mümkinçilikleri döredýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

**Akjagül ATAÝEWA,**
**Tejen etrabyndaky 35-nji orta mekdebiň mugallymy,**
**Türkmenistanyň ussat mugallymy.**

# KÄMILLIGIŇ AÝDYŇ ÝOLY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyz beýik ösüşlere beslenýär. Şeýle beýik ösüşleri bilim ulgamynda hem aýdyň görmek bolýar. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde ylym-bilime aýratyn üns berilýär, ýaşlar döwrebap bilimleri özleşdirýärler. Şunda bilim işgärleriniň, mugallymlaryň uly orny bardyr. Her ýylda geçirilýän bilim işgärleriniň awgust maslahatlary bu babatda bellenmäge mynasypdyr. Bu maslahatlarda bilim işgärleri öňdebaryjy tejribelerini paýlaşýarlar, täsirli çykyşlar bilen usuly maslahatlaryny berýärler, halypaşägirtlik gatnaşyklary ösdürilýär. Esasan hem, halypa mugallymlaryň uzak ýyllaryň dowamynda toplan tejribeleri öwrenilýär we geljekde okuw işini guramagyň, usuly sapaklary geçirmegiň ähmiýeti dogrusynda durlup geçilýär.

Ylym-bilim we döredijilik mümkinçilikleriniň ýokary derejesi bu ulgama ylmy-tehniki täzelikleriň ornaşdyrylmagy bilen hasda tapawutlanýar. Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda bilim ulgamyny kämilleşdirmek ugrunda giň gerimli özgertmeler durmuşa geçirilýär. Çagalar baglaryndan başlap, orta we ýörite orta, şeýle hem ýokary okuw mekdepleri, ylmy-barlag merkezleri iň täze döwrebap mümkinçiliklere eýedir. Şonuň üçin hem häzirki ajaýyp döwrümizde bilimi öwretmegiň, okatmagyň döwrebap usullary ulanylýar. Guralýan sapaklarda multimedia tagtalaryndan, kompýuter tehnologiýalaryndan hem-de lingafon otaglaryndan peýdalanylýar.

Häzirki ajaýyp döwrümizde ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlamaga uly ähmiýet berilýär. Ýaş nesliň daşary ýurt dillerini çuňlaşdyryp öwrenmekleri, olaryň dünýäniň iň öňdebaryjy tehnologiýalaryndan oňat baş çykaryp bilýän ýokary derejeli hünärmen bolup ýetişmekleri ugrunda irginsiz tagallalar edilýär. Bilim babatda amala aşyrylýan innowasion özgertmeleriň barşynda ylym-bilim ulgamynyň öňünde durýan wezipeler üstünlikli çözülýär.

**Amanbike MYRADOWA,**
**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.**

# SANLY ULGAMYŇ DÖWREBAP MÜMKINÇILIKLERI

*Eziz Diýarymyzda sanly bilim ulgamyny kämilleşdirmek innowasion tehnika we programma üpjünçiligi bilen bagly bolup durýar. Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmak, giň dünýägaraýyşly we täzeçil tehnologiýalary dolandyrmaga ukyply, maksada okgunly, ýokary hünärli ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmek ugrunda zerur tagallalary edýär. Ylym-bilimiň ösdürilmeginde döwlet tarapyndan zerur şertleriň we giň mümkinçilikleriň döredilmeginiň, ýokary okuw mekdepleriniň maddy-enjamlaýyn binýadynyň berkidilmeginiň ähmiýeti uludyr.*

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda amala aşyrylýan döwlet syýasatynyň netijesinde sanly ulgamy ösdürmek boýunça işler üstünlikli dowam edýär. Ýurdumyzda




döwrebap maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalaryny giňden ornaşdyrmak, olaryň sazlaşykly işlemegini ýola goýmak, maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek, maglumat üpjünçilik ulgamyny mundan beýläk-de ösdürmek boýunça wezipeler amala aşyrylýar. Munuň özi ildeşlerimiz üçin sanly hyzmatlaryň täze görnüşlerini elýeterli etmäge, ýaşaýyş-durmuş ýeňilliklerini döretmäge, milli ykdysadyýetimiziň pudaklarynyň ösüşini we bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga mümkinçilikleri döredýär.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly başlangyçlarynyň esasynda milli bilim ulgamy ösüşleriň täze belentliklerine ynamly gadam basýar. Döwrüň talaplaryndan ugur alnyp, ýurdumyzda halk hojalygynyň ähli pudaklaryny sanly ulgama geçirmek, önümçilige ylmy işläp taýýarlamalary ornaşdyrmak boýunça maksatnamalaýyn işleriň alnyp barylýandygy guwandyryjydyr. Şonuň bilen bir hatarda, sanly ulgamyň ösüşini ilerletmek, intellektual ulgamlaryň işini üpjün etmek, milli tor giňişligini, internet hyzmatlarynyň gerimini giňeltmek babatda yzygiderli işler durmuşa geçirilýär.

Ýurdumyzda sanly ulgamyň ösdürilmegi, innowasion tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy ugrunda yzygiderli tagallalary edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli döwletli işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!

**Gyzylgül GURBANMUHAMEDOWA,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy.**

# Ylym binýady pugtalandyrylýar

*Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan ylym we täze tehnologiýalar esasynda ynamly öňe barýar. Ýurdumyzda ylmyň gazananlarynyň durmuşa ornaşdyrylmagy durnukly durmuş-ykdysady ösüşiň möhüm şertine öwrülýär, ähli ulgamlarda sanly tehnologiýalar işjeň peýdalanylýar. Kuwwatly, ýokary derejede ösen, bäsdeşlige ukyply, düýpli ylma esaslanýan önümçilikler ýola goýulýar. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen ýurdumyzyň ylym ulgamyny ösdürmekde gazanylýan üstünlikler ata Watanymyzyň abraý-mertebesini halkara derejesinde belende galdyrýar. Gahryman Arkadagymyzyň ylmy başlangyçlary hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň durmuşa geçirýän ylmy esasly döwlet syýasaty ýurdumyzyň innowasion ösüşinde ylmyň kuwwatyny we ornuny pugtalandyrýar.*

Häzirki döwürde ylym adamzat jemgyýetiniň ösüşiniň wajyp şertleriniň biri hasaplanylýar. Şonuň üçin ýurdumyzda ylma, ylmy işgärleri taýýarlamaga aýratyn ähmiýet berilýär. Şeýle işleriň netijesinde eziz Diýarymyzda ösüşiň täze, döwrebap nusgasy kemala gelýär. Ylym-bilim, maglumat-tehnologik mümkinçilikler täze belentliklere çykýar. Arkadagly Gahryman Serdarymyz şeýle belleýär: «Beýik işler, depginli ösüşler ylmyň we bilimiň güýji, oýlap tapyşlaryň, ýokary tehnologiýalaryň üstünlikleri bilen amala aşyrylýar. Ylym adamzadyň röwşen geljeginiň ýoludyr». Şu parasatly sözlerden görnüşi ýaly, ýurdumyzy ylmy esasda ösdürmegiň türkmen nusgasy täze mazmun bilen baýlaşdyrylyp, Türkmenistanyň dünýä bileleşigine kämil bilim bilen has ynamly goşulmagyny üpjün etmek wezipesi öňde goýulýar. Şoňa baglylykda, ýurdumyzda ylmyň ösdürilmegine döwlet tarapyndan berilýän goldaw giňeldilýär, geljegi uly ylmy-barlaglary, tehnologik işläp taýýarlamalary maliýeleşdirmek işi ýokarlanýar. Ylmy işleri amala aşyrmak, ylmy gözlegleriň gerimini giňeltmek, olaryň netijelerini işe ornaşdyrmak üçin giň şertler döredilýär.

Hormatly Prezidentimiziň Permany bilen tassyklanan «Türkmenistanda ylym ulgamyny ösdürmegiň 2024 — 2052-nji ýyllar üçin Strategiýasy» ylym ulgamynyň hukuk binýadyny döredip, türkmen ylmyny dünýä derejesine çykarmagyň täze gözýetimlerini açýar. Häzirki wagtda dünýäde ähmiýeti barha artýan sanly tehnologiýalar eziz Diýarymyzyň ylym ulgamynda giňden peýdalanylýar. Bu ugurda elektron resminama dolanyşygy döredilýär. Ylmy edaralaryň we ýokary okuw mekdepleriň maddy-enjamlaýyn binýady pugtalandyrylýar, olaryň işine iň täze maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalary, şol sanda elektron kitaphanalara hem-de dünýä maglumatlar gaznasyna elýeterlilik giňden ornaşdyrylýar. Ýurdumyzda ylym we bilim ulgamyny ösdürmek, ylmy işgärleriň alyp barýan ylmy-barlag işlerine has höwesli çemeleşmekleri üçin zerur şertler döredilip, dürli ýeňillikler berilýär.




Halkara we döwletara derejelerde gazanylýan ylym babatyndaky köpugurly Ylalaşyklar, Ähtnamalar, sanly aragatnaşyk ulgamlary arkaly geçirilýän ylmy maslahatlar eziz Diýarymyzyň halkara ylym-bilim giňişligindäki abraýyny yzygiderli ýokarlandyrýar. Bular döwletimiziň amala aşyrýan daşary, içeri syýasatynyň netijeliliginiň dünýä bileleşigi tarapyndan goldaw tapýandygynyň, mähriban Watanymyzyň durmuş-ykdysady, innowasion tehnologiýalar ugurlarynda sazlaşykly ösüşiň kuwwatly döwletleriň birine öwrülýändiginiň we dünýäniň ylmy giňişligine üstünlikli goşulýandygynyň aýdyň güwäsidir.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe zähmet çekmek, döretmek, ylmy işler bilen meşgullanmak üçin ähli mümkinçilikleri döredýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, dünýä ähmiýetli işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

**Meretguly ÝAÝLYMOW,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň aspirantura bölüminiň baş hünärmeni.**

## HORMATLY TALYPLAR HEM-DE MÄHRIBAN ENE-ATALAR!

Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky ýurdumyzda ýaşlary goldamak, olaryň döredijilik başlangyçlaryny höweslendirmek, hünärlerini kämilleşdirmek babatda amatly mümkinçilikleri döretmek maksady bilen, «Talyp karzy» atly bank karzyny hödürleýär.

«Talyp karzy» ýokary we orta hünär okuw mekdeplerinde bilim alýan talyplaryň diňe degişli okuwynyň bahasyny tölemek üçin nagt däl görnüşinde berilýär.

Karzyň möçberi: 42 000 manada çenli.
Göterim derejesi: ýyllyk 5 göterim.
Möhleti: 3 ýyl.

**Karzyň üpjünçiligi hökmünde 10 000 manat möçberine çenli bir ýa-da birnäçe raýatyň zamunçylygy, 15 000 manat möçberine çenli iki ýa-da birnäçe raýatyň zamunçylygy we 15 000 manatdan ýokary 42 000 manat möçberine çenli bolsa girew kabul edilýär.**

Hormatly talyplar we ene-atalar! Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky «Talyp karzyndan» peýdalanmak isleýän müşderileriniň ýüztutmalaryny we degişli resminamalaryny bankyň resmi **www.dayhanbank.gov.tm** internet sahypasy arkaly onlaýn görnüşinde kabul edýändigini ýatladýar.

**Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz:**
**Aşgabat şäheri — 38-03-79; 38-02-86; 24-44-55; 24-52-85;**
**Ahal welaýat şahamçasy — (8-00-137) 3-34-39;**
**Balkan welaýat şahamçasy — (8-00-246) 5-21-51;**
**Daşoguz welaýat şahamçasy — (8-00-322) 9-35-07;**
**Lebap welaýat şahamçasy — (8-00-422) 9-13-48;**
**Mary welaýat şahamçasy — (8-00-522) 6-76-40.**

XXI ASYR BILIM, YLYM ASYRYDYR
MUGALLYMLAR GAZETI
ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

Baş redaktor
Söhbet NURBERDIÝEW

BIZIŇ SALGYMYZ:
Aşgabat şäheri, Garaşsyzlyk şaýoly-100, Türkmenbaşynyň erkin döredijilik mekany.



TELEFONLARYMYZ:
kabulhana — 38-61-53; jogapkär kätip — 39-96-40.
E-mail: mugallymlar-gazeti@sanly.tm
BÖLÜMLER:
syýasat — 39-96-39; milli miras we edebiýat — 39-96-45; orta bilim we terbiýeçilik işi — 39-96-47; ylym, ýokary we ýörite orta okuw mekdepleri — 39-96-42; habarçy hatlar — 39-96-48; kompýuter merkezi — 39-96-43; faks — 38-61-45.

Gazeti elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» we «metbugat.gov.tm» internet sahypalaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.

Gazet hepdäniň duşenbe, çarşenbe günleri çykýar.

SANY - 18400.

Bahasy 30 teňňe.

Indeksi — 69452. Gazetiň asyl nusgasy Hojalyk hasaplaşygyndaky redaksion birleşigiň Kompýuter merkezinde taýýarlanyldy. Gazet Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Ölçegi A2, möçberi 2 ç.k. A-116987

Redaksiýa gelen golýazmalar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär. Gazetiň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 39-95-36.